# MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com | ATAVATAN TÜRKMENISTAN | AWGUST AÝYNYŇ 23-i, 2025. №33





# «TÜRKMENISTAN – AZERBAÝJAN – ÖZBEGISTAN» FORMATYNDAKY ÜÇTARAPLAÝYN DUŞUŞYK

Ýokary derejedäki duşuşyk başlamazdan ozal, wekiliýetleriň Baştutanlarynyň üç ýurduň Döwlet baýdaklarynyň hem-de duşuşygyň banneriniň öňünde bilelikde surata düşmek dabarasy boldy. Soňra üçtaraplaýyn görnüşde gepleşikler geçirildi.

Türkmenistana sapar bilen gelmek we ýokary derejedäki üçtaraplaýyn duşuşygy geçirmek baradaky çakylygy kabul edendikleri üçin doganlyk ýurtlaryň döwlet Baştutanlaryna minnetdarlyk bildirip, Gahryman Arkadagymyz sebitiň ýurtlarynyň halklaryny köpasyrlyk dost-doganlyk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň, umumy taryhy-medeni, ruhy gymmatlyklaryň baglanyşdyrýandygyny aýtdy. Bu bolsa köpugurly gatnaşyklaryň ikitaraplaýyn görnüşde bolşy ýaly, köptaraplaýyn görnüşde-de pugtalandyrylmagy üçin berk binýat bolup hyzmat edýär.

Prezident Şawkat Mirziýoýew Hazar deňziniň ajaýyp kenaryndaky gepleşikleriň we duşuşygyň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilendigi üçin Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Şeýle hem özbek Lideri ýakynda Awazada geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde kabul edilen çözgütleriň tutuş adamzadyň bähbidine gönükdirilendigini belledi. Munuň özi oňa gatnaşan döwletleriň taryhyna möhüm sahypa bolup ýazyldy.

Üçtaraplaýyn duşuşygyň dowamynda Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew çykyş edip, bu duşuşygyň çäklerinde meýilleşdirilen çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilendigi üçin hoşallyk bildirdi. Şeýle hem dostlukly ýurduň Baştutany Gahryman Arkadagymyzyň şu ýylyň iýulynda Azerbaýjan Respublikasyna amala aşyran we hyzmatdaşlygyň taryhynda täze sahypany açan saparyny ýatlady. Munuň özi iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň ösdürilmegine döwlet derejesinde ähmiýet berilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

Azerbaýjanyň ýangyç-energetika, ulag-logistika ulgamlarynda ýola goýulýan gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine uly gyzyklanma bildirýändigini aýdyp, Prezident Ilham Aliýew degişli ugurlarda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek, öňe sürülýän başlangyçlary amala aşyrmak üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyna ünsi çekdi.

> ”“Awaza” milli syýahatçylyk zolagyndaky Kongresler merkezinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň, Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewiň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň arasynda üç-taraplaýyn duşuşyk geçirildi.”

“Soňky ýyllarda dürli ugurlar boýunça gatnaşyklarymyzy ösdürmek üçin üç döwlet tarapyndan uly tagallalar edildi. Biz esasy ulgamlarda – syýasatda, energetikada, ulagda, söwdada, senagatda, maýa goýumlarda, täze tehnologiýalarda, sanlylaşdyrmakda, medeniýetde, ylymda we bilimde hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin möhüm çäreleri görýäris. Bu bolsa öz oňyn netijesini berýär” diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi.




### ENERGETIKA ULGAMYNDA HYZMATDAŞLYK

Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň, Özbegistanyň energetika ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmekde, energiýa serişdelerini halkara bazarlara ibermegiň täze ugurlaryndan peýdalanmakda goşandy örän uludyr. Demirgazyk – Günorta we Gündogar – Günbatar ugurlary boýunça ulag geçelgelerini pugtalandyrmakda hem-de işjeňleşdirmekde, biziň çäklerimizde netijeli logistika düzümini döretmekde sebitiň ýurtlary möhüm orny eýeleýär.

Häzirki wagtda dünýäde energiýa serişdelerine bolan islegleri doly üpjün etmekde milli energetika ulgamlarynyň ygtybarly goruny döretmek zerur bolup durýar. Bu strategik maksatlara ýetmek üçin ulgamlaýyn çemeleşme hem-de üç döwletiň gatnaşmagynda toplumlaýyn, hemişe hereket edýän energiýa serişdeler ulgamyny döretmek boýunça netijeli hyzmatdaşlyk möhümdir. Energetika hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň çäklerinde elektrik energiýasynyň eksportynyň uly ähmiýete eýedigini aýdyp, Gahryman Arkadagymyz bu ulgamda Özbegistan bilen ýola goýlan gatnaşyklarda oňyn tejribe toplanandygyny nygtady. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan her ýyl Özbegistana elektrik energiýasynyň köp möçberini iberýär.

Milli Liderimiz geljekde türkmen elektrik energiýasyny Azerbaýjana ibermek mümkinçiliginiň bardygyny belläp, häzirki wagtda Hazaryň türkmen kenarynda kuwwatlylygy 1 müň 574 megawat bolan täze elektrik stansiýasynyň işe girizilmeginiň türkmen elektrik energiýasyny Azerbaýjana we onuň çägi arkaly Ýewropa ýurtlaryna ibermek üçin goşmaça mümkinçilikleri döretjekdigine ynam bildirdi. Şunuň bilen bir hatarda, Türkmenistandan Azerbaýjana we Özbegistana tebigy gazy ibermek bilen baglanyşykly meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagynyň wajypdygy nygtaldy.

### ÜÇTARAPLAÝYN BITEWI ULAG STRATEGIÝASY IŞLENIP DÜZÜLER

“Üçtaraplaýyn hyzmatdaşlykda ulag ulgamy aýratyn ähmiýetli orny eýeleýär. Ykdysadyýetiň bu ulgamynda biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklar Merkezi Aziýanyň we Hazar sebitiniň ýurtlarynyň ösmegi üçin strategik ähmiýete eýedir” diýip, hormatly Arkadagymyz belledi. Şunuň bilen baglylykda, Aziýany Ýewropa bilen birleşdirýän ulag geçelgeleriniň biziň ýurtlarymyzyň çäginden, şeýle-de Hazar we Gara deňizleriniň üstünden geçip, ýyklymyň köp ýurtlarynyň ykdysadyýetleriniň ösüşinde möhüm orun eýeleýändigine ünsi çekip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy bu geçelgeleriň ulag ugurlaryny köptaraply esasda ösdürmäge mümkinçilik berjekdigini aýtdy. “Munuň özi üç ýurduň üstaşyr geçirijilik kuwwatyny pugtalandyrmaga ýardam eder. Häzirki ajaýyp mümkinçilikden peýdalanmagymyzy hem-de Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Özbegistanyň bitewi ulag strategiýasyny döretmäge girişmegimizi zerur hasaplaýaryn” diýip, Milli Liderimiz belledi. ●2

# «TÜRKMENISTAN – AZERBAÝJAN – ÖZBEGISTAN» FORMATYNDAKY ÜÇTARAPLAÝYN DUŞUŞYK



Başlangyjy 1-nji sahypada.

### ÜÇ DÖWLETIŇ GATNAŞMAGYNDA SENAGAT KOOPERASIÝALARY ÝOLA GOÝLAR

Uzak möhletleýin dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk däplerine daýanyp, özara haryt dolanyşygyny epesli artdyrmak, ykdysady ösüşi höweslendirmek meselelerine möhüm ornuň degişlidigini aýdyp, hormatly Arkadagymyz söwdany giňeltmek maksady bilen, hojalygy ýöredýän düzümleriň arasynda özara gatnaşyklaryň täze görnüşlerini döretmegiň we ony işjeň ulanmagyň maksadalaýyk boljakdygyny nygtady. Şunda "Daşoguz – Şabat" serhetýaka söwda zolagynyň şu ýylyň ahyryna çenli işe giriziljekdigine ynam bildirildi. Milli Liderimiz senagat kooperasiýasyny ýola goýmak babatda 2026 – 2035-nji ýyllar döwri üçin üç ýurduň çäginde senagat taslamalaryna bilelikdäki maýa goýumlaryň maksatnamasyny taýýarlamak baradaky başlangyjy öňe sürüp, bu çemeleşmäniň tehnologiýalary netijeli alyşmaga, täze iş orunlaryny döretmäge, dünýä bazarlarynda önümleriň milli görnüşleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ýardam etjekdigine ynam bildirdi.

### GOL ÇEKILEN RESMINAMALAR

Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň we Özbegistan Respublikasynyň ýokary derejeli üçtaraplaýyn duşuşygy tamamlanandan soňra, resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

**Onuň çäklerinde:**

- "Türkmenhowaýollary" döwlet gullugy bilen Azerbaýjan Respublikasynyň Sanly ösüş we ulag ministrliginiň arasynda halkara howa gatnawyny mundan beýläk-de ösdürmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama;
- Arkadag şäheri (Türkmenistan) bilen Fizuli şäheriniň (Azerbaýjan Respublikasy) arasynda doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak hakynda Teswirnama;
- Türkmenistanyň Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugy bilen Özbegistan Respublikasynyň Ulag ministrliginiň arasynda gämi gurluşygy babatda hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama;
- «Türkmenhowaýollary» döwlet gullugy bilen Özbegistan Respublikasynyň Ulag ministrliginiň arasynda raýat awiasiýa pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmek hakynda Teswirnama;
- Türkmenistanyň Döwlet haryt-çigmal biržasy bilen «Özbek respublikan haryt-çigmal biržasy» paýdarlar jemgyýetiniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga;
- Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrliginiň, Azerbaýjan Respublikasynyň Sanly ösüş we ulag ministrliginiň hem-de Özbegistan Respublikasynyň Ulag ministrliginiň arasynda ulag-logistika hyzmatdaşlygy babatda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

### ILHAM ALIÝEWE BEDEW, ŞAWKAT MIRZIÝOÝEWE KÖŞEKLI ARWANA DÜÝE SOWGAT BERILDI

Gahryman Arkadagymyz, Azerbaýjan Respublikasynyň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentleri bilelikde ýokary derejedäki üçtaraplaýyn duşuşyk mynasybetli meýilleşdirilen medeni çärelere gatnaşdy.

Türkmen halkynyň Milli Liderini, Azerbaýjan Respublikasynyň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentlerini medeni çäräniň geçirilýän ýerine ýygnananlar "Galkynyş" milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşlaryna tomaşa etdiler.

Ýokary derejedäki duşuşyga gatnaşandyklary, geçirilen gepleşikleriň jemleri boýunça oňyn çözgütleriň kabul edilendigi we ylalaşyklaryň gazanylmagyna goldaw berendikleri üçin, türkmen tarapynyň çuňňur hoşallygynyň nyşany hökmünde dostlukly ýurtlaryň Baştutanlaryna hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň adyndan sowgatlar gowşuryldy. Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewe hormatly Prezidentimiziň, Milli Liderimiziň we tutuş türkmen halkynyň adyndan Tawus atly ajaýyp ahalteke bedewi sowgat berildi. 2022-nji ýylda doglan, Gündogar hem-de Gaýma atly bedewleriň nesli bolan akýal mele reňkli bu bedew ady rowaýata öwrülen Fakirpälwan atly bedewiň nesil ugruna degişlidir.



Soňra Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewe hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň we türkmen halkynyň adyndan köşekli arwana düýäniň sowgat berilýändigi yglan edildi. Milli Liderimiz doganlyk döwletleriň Baştutanlary bilen bilelikde ýadygärlik surata düşdi hem-de olary sowgatlary bilen gutlady. Soňra Gahryman Arkadagymyz Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidentine Tawus atly ajaýyp bedewiň güwänamasyny uly hormat bilen gowşurdy. Şeýle hem Milli Liderimiz "Ula hormat, kiçä sylag" diýen paýhasly jümlä eýerip, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentine arwana düýäniň resminamasyny gowşurdy. Doganlyk döwletleriň Liderleri gowşurylan bu sowgatlary öz ýurtlaryna we halklaryna bildirilen çuňňur hormatyň nyşany hökmünde kabul edýändiklerini nygtap, munuň üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize, tutuş türkmen halkyna tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan etdiler.



















# TÜRKMENISTANYŇ PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK SYÝASATY BOÝUNÇA KONSTITUSION KANUN TAÝÝARLANAR

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi geçirildi. Onuň dowamynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini hem-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk baýramyny ýokary derejede geçirmek boýunça meseleleriň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy. Mejlise Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň agzalary, Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Bu mejlisde çykyş eden Milli Liderimiz «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň taslamasy taýýarlanmagynyň möhümdigini belläp geçdi.

– Ýurdumyzyň oňyn Bitaraplyk syýasatynyň döwletimiziň milli kanunçylygynda mynasyp orun alandygyny we onuň iş ýüzünde amala aşyrylmagy üçin pugta hukuk esasynyň döredilendigini hem bellemek möhümdir. Ýakynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Häzirki döwürde bu işleri dowam etdirmek zerur bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyny parlament diplomatiýasynyň üsti bilen dünýä ýaýmak, bu ugurda alnyp barylýan syýasaty milli kanunçylykda berkitmek üçin Türkmenistanyň Mejlisi degişli işleri durmuşa geçirmeli. Geçirilýän işleriň çäginde Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslaryny, onuň kadalaryny, esasy maksatlaryny, öňüni alyş diplomatiýasyny, ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny kanun arkaly berkitmek maksady bilen, «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň taslamasy taýýarlanylsa, maksadalaýyk bolardy, diýip belledi.



# Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi 19-njy sentýabrda geçiriler

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi geçirildi.

Halk Maslahatynyň Başlygy mejlisiň barşynda «Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak hakynda» Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň Kararyna gol çekdi.

«Watan» habarlar gepleşiginde mälim edilişi ýaly, Kararda:



– Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisini 2025-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda çagyrmalydygy we Aşgabat şäherinde, Maslahat köşgünde geçirmelidigi;

– Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlarynyň «Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak we guramaçylykly geçirmek hakynda» Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Kararyna, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlary tarapyndan teklip edilýän jemgyýetçilik wekillerini hödürlemegiň Tertibine laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine welaýatlar, Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça jemgyýetçilik wekilleriniň sanawlaryny 2025-nji ýylyň 1-nji sentýabryna çenli Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanyna bermelidigi bellenilýär.

# OGULJAHAN ATABAÝEWA «ARKADAG MEDISINA KLASTERI» TOPLUMYNYŇ GURLUŞYGYNYŇ BARŞY BILEN TANYŞDY

**Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa Arkadag şäherinde bolup, «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň çäklerinde durmuşa geçirilýän «Arkadag Medisina Klasteri» toplumynyň gurluşygynyň barşy bilen tanyşdy. Bu barada «Watan» habarlar gepleşiginde habar berildi.**

**Bellenilişi ýaly, Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa «Kids Expo: Ähli zat çagalar üçin!» atly halkara sergide «Arkadag Medisina Klasteriniň» we Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işini beýan etjek diwarlyklaryň teklip edilýän şekil taslamalary bilen hem tanyşdy.**



**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa «Arkadag Medisina Klasteri» toplumynyň gurluşygy barada şekil taslamalarynyň üsti bilen maglumat berdi.**

**Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa Arkadag şäheriniň ähli desgalarynda bolşy ýaly, täze gurulýan lukmançylyk klasterinde hem öňdebaryjy dünýä tejribesiniň ornaşdyrylmagynyň möhüm ähmiýetini belledi.**

**Bu ýerde haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidentine «Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasy tarapyndan öndürilmegi meýilleşdirilýän täze önümler barada hem maglumat berildi.**

**Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa öndürilýän önümleriň ýokary hil derejesiniň ähmiýetini aýdyp, olaryň çagalaryň sagdyn we berk bedenli bolup ýetişmeginde möhüm ähmiýetiniň bardygyny belledi.**

# Türkmenistanda ilkinji gezek rizotomiýa operasiýasy üstünlikli geçirildi

Germaniýanyň Aşau şäheriniň ortopediýa hassahanasynyň spinal hirurgiýa bölüminiň müdiri, professor Bronek Maksimilian Boşik Türkmenistanda ilkinji gezek iş saparynda boldy. Ol ýerli lukmanlar bilen näsaglary barlagdan geçirdi we operasiýalara gatnaşdy diýip, «Türkmenistan» gazeti habar berýär.

Habarda bellenilişi ýaly, nemes lukmany täze hirurgik bejergini Türkmenistanda amaly lukmançylyga netijeli ornaşdyrmak babatda türkmen kärdeşleri bilen öz tejribesini paýlaşdy. Netijede, çagalarda we uly



adamlarda oňurga sütüniniň şikeslerinde, gysarmalarynda, dogabitdi kesellerinde, täze döremelerinde we degeneratiw kesellerinde ýokary derejeli anyklaýyş amallarydyr operatiw bejergiler ýerine ýetirildi.

Hususan-da, çaga serebral ysmazy, spastiki tetraparez keselini bejermekde rizotomiýa operasiýasy Türkmenistanda ilkinji gezek üstünlikli geçirildi. Nemes lukmany Bronek Maksimilian Boşik bilen ýerli lukmanlaryň gatnaşmagynda Aşgabatdaky Şikesleri bejeriş halkara merkezinde çaga serebral ysmazy, spastiki tetraparez keselinden ejir çekýän, Aşgabat şäheriniň ýaşaýjysy bolan 10 ýaşly çaga rizotomiýa operasiýasy üstünlikli amala aşyryldy. Operasiýadan soňra çaganyň ýagdaýlary kanagatlanarly diýlip, habarda aýdylýar.

# Raşid Meredow Waşingtonda Marko Rubio bilen duşuşdy

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow çarşenbe güni Waşingtonda ABŞ-nyň Döwlet sekretary Marko Rubio bilen duşuşdy. Bu barada ABŞ-nyň Döwlet depertamenti resmi habar berdi.

Bellenilişi ýaly, duşuşygyň dowamynda amerikan tarapy iktaraplaýyn hoşniýetli dostlukly gatnaşyklary we söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek baradaky pikirlerini beýan etdi. Şunda sebitleýin integrasiýany



ösdürmäge gönükdirilen «C5 + 1» görnüşindäki gepleşiklere möhüm ähmiýetiň degişlidigi barada Marko Rubio belledi.

«C5 + 1» görnüşindäki maslahat ABŞ bilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy pugtalandyrýan platforma bolup, taraplaryň arasynda ykdysadyýet, energiýa we daşky gurşaw ýaly köp sanly meselede bilelikde iş alyp barmagy üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Gepleşikleriň barşynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň häzirki ýagdaýy we geljekki ugurlary, şeýle-de sebit hem-de halkara gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça özara pikir alşyldy.

Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 10-njy aprelinde ýola goýuldy. Geçen ýyllaryň dowamynda iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyk gyzyklanma bildirilýän ugurlaryň ählisi boýunça üstünlikli ösdürilip, häzirki wagtda täze many-mazmun bilen yzygiderli baýlaşdyrylýar. Şunda sebit howpsuzlygyny hem-de durnuklylygyny berkitmek babatda bilelikdäki işler özara hereketleriň iň wajyp ugry hökmünde öňe çykýar. Iki döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Halkara pul gaznasynyň, Bütindünýä bankynyň hem-de beýleki abraýly düzümleriň agzasy hökmünde halkara giňişlikde birek-biregiň başlangyçlaryny goldap çykyş edýär.

Türkmen-amerikan gatnaşyklarynyň soňky ýyllardaky ösüşi «Türkmenistan – ABŞ» işewürlik geňeşiniň alyp barýan işi bilen hem baglanyşyklydyr. 2008-nji ýylda döredilen geňeşiň esasy wezipesi iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge ýardam bermekden ybaratdyr. Onuň düzümine girýän iri amerikan kompaniýalary türkmen bazarynda strategik taýdan ähmiýetli ugurlarda üstünlikli iş alyp barýarlar. ABŞ-nyň meşhur «John Deere», «Case New Holland», «General Electric», «Boeing», «Caterpillar» ýaly kompaniýalary Türkmenistan bilen işjeň hyzmatdaşlyk saklaýar. Umuman, özara bähbitlilik, deňhukuklylyk ýörelgeleri esasynda guralýan türkmen-amerikan gatnaşyklary häzirki şertlerde ösüşiň täze derejesine çykýar.

# Türkmen-amerikan syýasy geňeşmeleriniň nobatdaky tapgyry geçirildi

Waşingtonda Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasynda her ýyl geçirilýän ikitaraplaýyn syýasy geňeşmeleriň on birinji tapgyry geçirildi.

Geňeşmeleriň dowamynda türkmen tarapyna Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow, amerikan tarapyna ABŞ-nyň Döwlet



sekretarynyň Günorta we Merkezi Aziýa işleri boýunça kömekçisiniň orunbasary Jon Mark Pommerşaým ýolbaşçylyk etdiler. Duşuşykda taraplar türkmen-amerikan gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýyny we ösdürmegiň geljegini ara alyp maslahatlaşdylar, şeýle hem halkara gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça pikir alyşdylar.

Söhbetdeşler Türkmenistan bilen ABŞ-nyň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmäge, şol sanda howpsuzlyk pudagyndaky hyzmatdaşlygy, söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge, şeýle hem «C5+1» sebitleýin diplomatik platformasynyň çäginde hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge ygrarlylyklaryny tassykladylar. Amerikanyň esasy kompaniýalary bilen ikitaraplaýyn taslamalaryň durmuşa geçirilmegi-



ne ýardam bermek meselelerine hem garaldy we Türkmenistanda maýa goýum mümkinçiliklerini giňeltmegiň geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşygyň ahyrynda taraplar yzygiderli ikitaraplaýyn geňeşmeleriň türkmen-amerikan hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de ösdürilmegi üçin özüni täsirli mehanizm hökmünde subut edendigini bellediler.

# Özbegistan Ginnesiň rekordlar kitabynda: bir günde 1,9 müňden gowrak robot

**Özbegistanda täze dünýä rekordy goýuldy – 1946 ýaş inžener bir wagtda 1946 robot ýygnady. Özbegistanyň metbugatynyň habar bermegine görä, bu üs-**



**tünlik Ginnesiň rekordlar kitabyňyň wekilleri tarapyndan resmi taýdan hasaba alyndy.**

**Rekord “Muhandislik Missiýasy” (“Inženerlik missiýasy”) atly festiwalyň çäklerinde goýuldy.**

**Bu ugurda öňki rekord 2023-nji ýylyň 23-nji ýanwarynda Hindistanyň Bhopal şäherinde goýlupdy. Şonda 1459 okuwçy ekin ekmek we ösümliklere ideg etmek üçin oba hojalyk robotlaryny ýygnapdy.**

**Robotlar 25 minutda ýygnandy we çäräniň resmi emini tarapyndan bu rekord hasaba alyndy. Bu rekord synanyşygy hasaba almak üçin çärä gatnaşan “Guinness World Records” guramasynyň wekili Karlo Peri Sewill Özbegistanyň ýokary bilim, ylym we innowasiýa ministri Kongratbaý Şaripowa degişli şahadatnamany gowşurdy.**

# Täze film milli kinematografiýanyň taryhy barada gürrüň berer

2026-njy ýylda Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi milli kinematografiýanyň 100 ýyllygyny bellär. Bu baýramçylyk gününe bagyşlanyp «Keşplerde ýaşaýan ykballar» atly dokumental-publisistik film döredilýär.

Filmiň ssenarisiniň awtory Öre Daşgynow, režissýory bolsa Rahymberdi Annagulyýew. Film kinohronika pursatlarynyň böleklerinden jemlenip, meşhur filmleriň nähili döredilendigini görkezer we tomaşaçylary esasy şahsyýetler – režissýorlar, sungat işgärleri we atlary taryhda ýazylan operatorlar bilen tanyşdyrar.

Film dokumental suratlardan başga-da, kinorežissýorlaryň durmuşyndan iş pursatlaryny janlandyrjak çeper bölümleri öz içine alar. Ssenariçi Öre Daşgynow, irki döwürde kynçylyklaryň bolmagyna garamazdan, türkmen kinematografiýaçylaryň tomaşaçylary özüne çekip, şeýle-de daşary ýurt hünärmenlerinden hem ykrar gazanýan filmleri döretmäge çalyşypdyrlar. Olaryň bu tagallasy milli kinematografiýanyň üstünlikleriniň esasy sebäplerinden biri boldy diýip nygtaýar.

Filmiň soňky bölegi häzirki zaman kinematografiýanyň ösüşine bagyşlanar. Filmi Aşgabat, Ahal we Balkan welaýatlarynda surata düşürilmegi meýilleşdirilýär.

Türkmen kinosynyň doglan güni 1926-njy ýylyň 7-nji fewraly hasaplanýar. Şol wagt Aşgabatda ýurduň durmuşy we gündelik ýaşaýyş durmuşy barada dokumental filmler taýýarlaýan kino zawody guruldy. Tiz wagtda, döwrüň ruhuny – pagta üçin göreş, köpçülikleýin fermalary döretmek, nebit gözlemek ýaly mowzuklarda çeper filmleri döredilip başlandy.

Aleksandr Ledaşewyň «Men gaýdyp gelerin» atly ilkinji çeper filmi 1935-nji ýylda surata düşürildi. Türkmen şahyry Oraz Täçnazarowyň «Batrak» poemasy esasynda düşürilen sessiz film boldy.

Şol döwrüň başga bir möhüm filmi «Dursun» (1940). Bu film Ýewgeniý Iwanow-Barkowyň Aşgabat kinostudiýasynda ilkinji taslamasy bolup, ol ýerde ilkinji milli hünärmenleri – aktýorlary, režissýorlary we operatorlary taýýarlaýardy. Bu meýdançada türkmen kinosynyň meşhur sungat ussady Alty Garlyýew hem işe başlapdy.

70-nji ýyllaryň meşhur ussatlarynyň arasynda režissýor we sahna suratkeşi Möjek Çaryýew hem tapawutlanýar. Onuň ilkinji multfilmi «Böwenjik» 1975-nji ýylda çykdy. Mundan soň «Garyp we açgöz baý» we «Uçar haly» ýaly eserleri döredildi.

# “Çalsana, bagşy!” bäsleşiginiň ýeňijileri belli boldy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň milli bagşyçylyk we saz sungatyny has-da kämilleşdirmek, täze, döwrebap aýdym-sazlar bilen baýlaşdyrmak, ýurdumyzda gazanylýan uly üstünlikleri wasp etmek, zehinli ýaş bagşy-sazandalary ýüze çykarmak we höweslendirmek, şeýle hem Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramy mynasybetli, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň çäklerinde geçirilen «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginde üstünlikli çykyş edip, öz ýerine ýetirijiligi bilen aýratyn tapawutlanan dutarçy bagşy-sazandalary sylaglamak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, ýurdumyzyň şu raýatlary “Çalsana, bagşy!” bäsleşiginiň ýeňijileri diýlip yglan edildi we her bir ýeňiji Türkmenistanyň Prezidentiniň altyn zynjyry bilen sylaglanyldy:

«Lebiz plastik» hojalyk jemgyýetiniň enjam sazlaýjysy Ahunberdi Mekanowiç Annagulyýew;

Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň «Türkmen owazy» teleradioýaýlymynyň halk aýdym-sazly toparynyň ýolbaşçysy Begmyrat Çarymyradowiç Çarymyradow;

Şükür bagşy adyndaky Arkadag şäher çagalar sungat mekdebiniň bagşyçylyk sungaty bölüminiň bagşy mugallymy Kerwenmyrat Begmyradowiç Orazmyradow;

Şükür bagşy adyndaky Arkadag şäher çagalar sungat mekdebiniň halk saz gurallary bölüminiň dutar mugallymy Amanmuhammet Seýitmuhammedowiç Çaryberdiýew;

Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň 2-nji ýyl talyby Güýçmyrat Şirmyradowiç Şirmyradow;

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň hukuk fakultetiniň 3-nji ýyl talyby Kakajan Annagurbanow;

Balkan welaýat ýörite sungat mekdebiniň mugallymy Şamyrat Aýmämmet ogly Dawydow;

Harby bölümiň harby dirižýory – orkestriň müdiri Gaýgysyz Toýmämmedowiç Geldimämmedow;

Daşoguzyň Magtymguly Garlyýew adyndaky ýörite sungat mekdebiniň türkmen milli saz gurallary bölüminiň mugallymy Laçyn Öregeldiýewna Mätgeldiýewa;

Daşoguzyň Magtymguly Garlyýew adyndaky ýörite sungat mekdebiniň türkmen milli saz gurallary bölüminiň 4-nji ýyl talyby Gurbanbibi Şirmuhammedowna Hudaýberdiýewa;

Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň halk sazy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby Aýnazar Arslan ogly Amanow;

Lebap welaýat Medeniýet müdirliginiň Saýat etrabynyň Sakar şäherindäki çagalar sungat mekdebiniň mugallymy Şamyrat Alymow;

Mary welaýat Medeniýet müdirliginiň Ýolöten etrabynyň Goýunjy geňeşligindäki çagalar sungat mekdebiniň bagşy mugallymy Maksat Akynazarowiç Gurbanow;

Marynyň Ýolaman Hummaýew adyndaky ýörite sazçylyk mekdebiniň türkmen milli saz gurallary bölüminiň 4-nji ýyl talyby Watan Ýolamanowiç Geldiýew.







cmyk

KIDS EXPO



# TÜRKMEN OKUWÇYLARY 3 SANY DÜNÝÄ REKORDYNY TÄZELEDI

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň binasynda Kids EXPO: “Ähli zat çagalar üçin” atly halkara sergi-ýarmarkasy açyldy. Şol halkara serginiň çäginde hem 3 tapgyrdan ybarat dünýä rekord synaşygy geçirildi. Synanyşyklaryň üçüsi-de üstünlikli bolup, Türkmenistanyň aýratyn zehinli çagalary “Memoriad” mental arifmetika boýunça dünýä rekordyny täzelediler.

Oňa halkara derejeli emin “MEMORIAD” atly Bütindünýä Zehin Sport Olimpiadasynyň esaslandyryjysy Melik Duýar gatnaşdy we bu dünýä rekordlaryny hasaba aldy.

Ilkinji rekordy Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň 38-nji orta mekdebiniň 7-nji synp okuwçysy Rowaç Begenjow täzeledi. Onuň goýan rekordy iň çalt ýatdan goşmak görnüşinde bolup, 100 sany bir belgili sanlary dogry goşup we yzygiderli üç gezek dogry netije görkezdi. Ozalky dünýä rekordy 2016-njy ýylyň iýul aýynyň 1-ne, Türkiýe Respublikasynyň Stambul şäherinde Ömer Ýigit Agmanyň rekordy hasaba alnypdy. Ozalky rekord 19,88 sekundyň dowamynda goýlupdy. Täze rekord bolsa, 16.34 sekuntda goýuldy. Dünýä rekordynyň eýesi Rowaç Begenjow “Kämil bilim” merkeziniň mugallymy Meýlis Jelilow taýýarlady.

Ikinji rekord Balkan welaýatynyň Balkanabat şäheriniň iňlis dili, fizika we matematika derslerini çuňlaşdyryp öwredilýän ýöriteleşdirilen 22-nji orta mekdebiniň 9-njy synp okuwçysy Aly Oraşow tarapyndan täzelendi. Onuň goýan dünýä rekordy Çalt Flaş Anzan görnüşinde bolup, ol sekundyň dowamynda 2 belgili 150 sany 0,3 sekunt tizlik bilen goşmak boýunça synanyşdy. Iň soňky rekordyň eýesi hindistanly Mişti Dharmeş Şah bolup, onuň rekordy 2017-njy ýylyň oktýabr aýynyň 27-si güni türkiýe Respublikasynyň Stambul şäherinde 5200 utuk bilen 325 sany 2 belgili sanlary 0,5 sekunt tizlik bilen goşmakda hasaba alnypdy. Täze dünýä rekordynyň eýesi Aly Oraşow 125 sany 2 belgili sanlary 0,3 millisekunt tizlik bilen hasaba alyndy.

3-nji rekord Balkanabat şäherindäki 3-nji daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen orta mekdebiniň 7-nji synp okuwçysy 10 sany 8 belgili sanlary biri-birine Köpeltmek görnüşinde 52,259 utuk bilen 172,22 sekundyň dowamynda Bütindünýä rekordyny täzeledi. Ozalky dünýä rekordynyň eýesi 2016-njy ýylyň noýabr aýynyň 7-sine Amerikanyň Birleşen Ştatynda, Las Wegasda koreý Jeonghi Liniň goýmagynda hasaba alyndy. Onuň rekordy 16 – 45,574 utuk bilen 00:03:17,48 bilen hasaba alyndy.












# TÜRKMEN OKUWÇYLARY MENTAL ARIFMETIKA BOÝUNÇA DÜNÝÄ REKORDYNY GOÝDULAR

**Paýtagtymyzda geçirilýän «Kids Expo: hemme zat çagalar üçin» atly halkara köpugurly sergi-ýarmarkasynyň çäklerinde 21-nji awgustda mekdep okuwçylarynyň arasynda Mental arifmetika boýunça bäsleşikler guraldy.**

Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, Söwda-senagat edarasynyň hem-de “Kämil bilim” okuw merkeziniň bilelikde guramagynda geçirilen bäsleşikler ýurdumyzymyň çar künjünden 6-14 ýaşly mekdep okuwçylarynyň 120-e golaýyny bir ýere jemledi. Körpe zehinlerden başga-da, bu bäsleşikleriň hormatly myhmanlarynyň biri Melik Duýar boldy. Ol “Mega Hafyza” guramasynyň esaslandyryjysy we ýolbaşçysy, MEMORIAD Bütindünýä zehin sportlary Federasiýasynyň esaslandyryjylarynyň biri, şeýle hem halkara derejeli emin bolup durýar.

Bellenen meýilnama laýyklykda, okuwçylar Mental arifmetikanyň Flaş anzan marafony boýunça bäsleşdiler. 45-50 minut dowam eden bäsleşik ýatdan hasaplamak boýunça aýratyn zehinlileri öňe saýlady. Netijede, “Kämil bilim” okuw merkeziniň Türkmenabat şäherindäki şahamçasynyň diňleýjileri 12 medal, paýtagtymyzdaky merkeziniň diňleýjileri 7 medal, Balkanabat şäherindäki şahamçasynyň diňleýjileri 2 medal gazanmagy başardylar. Ýaryşda Mary şäherindäki “Altyn Göreç” hem-de Baýramalydaky “Bilim güzeri” okuw merkezleriniň diňleýjileri 1 medal gazandylar. Şunda Türkmenabat şäheriniň ýöriteleşdirilen 41-nji orta mekdebiniň okuwçysy Mekan Nurgeldiýew, Balkanabat şäherindäki iňlis dili, fizika we matematika derslerini çuňlaşdyryp öwredilýän ýöriteleşdirilen 22-nji orta mekdebiniň okuwçysy Aly Oraşow, Türkmenabat şäheriniň daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 9-njy orta mekdebiniň okuwçysy Aýgül Ýusupowa aýratyn tapawutlanmagy başardy.

Ýatdan hasaplamak bäsleşikleriniň çäklerinde ýurdumyzyň zehinli okuwçylary mental arifmetikanyň 3 görnüşi boýunça dünýä rekorduny goýdular.

Çalt Flaş Anzan. Balkanabat şäherindäki iňlis dili, fizika we matematika derslerini çuňlaşdyryp öwredilýän ýöriteleşdirilen 22-nji orta mekdebiniň okuwçysy, “Kämil bilim” okuw merkeziniň diňleýjisi Aly Oraşow 0,3 sekunt tizlik bilen çalşyp duran 150 sany 2 belgili sanlary goşmak boýunça öz ukyby görkezdi. Yzygiderli 5 gezek dogry netije görkezen Aly dünýä rekorduny goýmagy başardy.

Iň çalt ýatdan goşmak. Türkmenabat şäherindäki 38-nji orta mekdebiň okuwçysy, Rowaç Begenjow 100 sany 1 belgili sanlary dogry goşup, yzygiderli 3 gezek dogry netije görkezdi. Şeýlelikde, Rowaç dünýä rekorduny goýmagyň hötdesinden geldi.

Iň çalt ýatdan köpeltmek. Balkanabat şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 3-nji orta mekdebiň okuwçysy, “Kämil bilim” okuw merkeziniň diňleýjisi Mekan Batyrow 8 belgili sanlary 8 belgili sanlara 10 gezek ýatdan çalt we dogry köpeltmek boýunça dünýä rekorduny goýdy.

Bäsleşikleriň ahyrynda oňa gatnaşanlara we ýeňijilere guramaçylar tarapyndan ýadygärlik höweslendiriji sowgatlar we Hormat hatlary, şeýle hem dünýä rekorduny goýan türkmen mekdep okuwçylaryna MEMORIAD Bütindünýä zehin sportlary Federasiýasynyň degişli serfikatlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

# Eýran Türkmenistandan elektrik energiýasynyň importyny artdyrmagy meýilleşdirilýär

Eýran Türkmenistandan elektrik energiýasynyň importyny ep-esli artdyrmak mümkinçiligini öwrenmegi maksat edinýär. Bu mesele energetika ugry boýunça Eýranyň ýokary derejeli wezipeli adamlarynyň gatnaşmagynda geçirilen duşuşykda ara alnyp maslahatlaşyldy.



Eýran metbugatynyň berýän habaryna görä, Eýranyň energetika ministri, elektrik energiýasyny öndürmek we paýlamak boýunça eýran kompaniýasy "TAVANIR"-iň baş direktory we Yslam maslahaty mejlisiniň agzasy gatnaşan üç taraplaýyn duşuşyk geçirildi. Maslahatlaryň netijesinde Türkmenistandan elektrik energiýasynyň importyny artdyrmak mümkinçiligini öwrenmek barada karar kabul edildi.

Häzirki wagtda Eýran her ýyl Türkmenistandan takmynan 2 milliard kilowatt-sagat elektrik energiýasyny ýurduň demirgazyk-gündogar welaýatlarynda artýan energiýa islegini kanagatlandyrmak üçin import edýär.

Şu ýylyň maý aýynda Maşat–Mary üçünji elektrik geçiriji liniýasynyň gurluşygyny çaltlandyrmak barada ylalaşyk gazanyldy. Bu taslama iki ýurduň arasyndaky energetika hyzmatdaşlygynyň iň möhüm başlangyçlarynyň biri hasap edilýär.

# Eýran bilen Belarusyň arasynda täze ylalaşyklar gazanyldy



Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkian Belarus Respublikasynda resmi saparda boldy. Bu saparyň çäklerinde Belarus Respublikasynyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko bilen ikiçäk we giňişleýin düzümde gepleşikler geçirildi.

"BELTA" habar gullugynyň habaryna görä, ikiçäk we giňişleýin düzümde geçirilen ýokary derejeli gepleşiklerden soň Belarus bilen Eýranyň arasynda hyzmatdaşlygyň dürli ugurlary boýunça resminamalar toplumyna gol çekildi.

Belarus Respublikasynyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko we Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkian Belarus Respublikasy bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň has-da pugtalandyrylmagyna gönükdirilen bilelikdäki beýannama gol çekdiler.

Gol çekilen beýleki resminamalaryň arasynda Belarus Respublikasynyň Milli Awiasiýa Dolandyryşy bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Raýat Awiasiýasy Guramasynyň arasynda uçuşlara ýaramlylyk baradaky şertnama bar.

Mundan başga-da, iki ýurduň degişli edaralarynyň arasynda daşky gurşaw, saglygy goraýyş, lukmançylyk enjamlary we lukmançylyk pudagyndaky hyzmatdaşlyk barada ähtnamalar baglaşyldy.

Şeýle hem medeni-ynsanperwer ugrundaky birnäçe resminamalar kabul edildi.

# Hytaýda ilkinji Bütindünýä robotlar oýunlary tamamlandy

**Pekinde geçirilen adam şekilli robotlaryň ýaryşyna ABŞ, Germaniýa we Braziliýa ýaly 16 döwletiň 280 topary gatnaşdy. Olar 26 kategoriýa boýunça bäsleşdiler. Munuň içine sport (ýeňil atletika, futbol, stoluň üstünde oýnalýan tennis, boks we ş.m.) hem-de önümçilik we gündelik durmuş wezipeleri girdi.**



**Robotlaryň Bütindünýä oýunlary Hytaý hökümeti tarapyndan işjeň goldanylýar. Häzirki wagtda ýurtda robot tehnikasyny ösdürmekde dünýäniň lideri hasaplanýar. Hususan-da, emeli intellekt we robototehnika boýunça başlangyç kärhanalary goldamak üçin takmynan 137 mlrd. dollarlyk gazna döredilmegi meýilleşdirilýär. 192 topar uniwersitetleri, 88 topar bolsa hususy kompaniýalary, meselem, Hytaýyň "Unitree" we "Fourier Intelligence" kompaniýalaryny wekilçilik etdi.**

**Robotlar ýeňil atletika, boks we stoluň üstünde oýnalýan tennis boýunça bäsleşdiler, şeýle hem birnäçe wezipeleri ýerine ýetirdiler: dermanlary we materiallary tertiplemekden başlap, arassalaýyş işlerine çenli. Ýaryşyň biletleriniň bahasy 128 ýuandan 580 ýuana çenli (takmynan $17,83 – $80,77) aralygynda boldy. Guramacylaryň bellemegine görä, bu oýunlar önümçilikde ulanylýan robotlary işläp düzmek üçin zerur maglumatlary ýygnamakda gymmatly mümkinçilikleri döredýär.**

# Türkmenistanyň raýatlaryna Hytaýyň ilçihanasyna resminama tabşyrmagyň günleri köpeldildi

**Türkmenistanyň raýatlarynyň Hytaýa gidýänleriň sanynyň artmagy bilen baglylykda, Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasy konsullyk bölüminde kabul ediş günleriniň wagtlaýynça artdyrylandygyny habar berdi. Bu barada ilçihananyň resmi saýtyna habar berilýär.**




**2025-nji ýylyň 18-nji awgustyndan 30-njy sentýabry aralygynda resminamalar hepdäniň dört güni – duşenbe, sişenbe, penşenbe we anna günleri kabul ediler.**

***Resminama kabul ediş:* 9:30 – 11:30**

***Resminama bermek:* 15:30 – 17:00**

**Şeýlelikde, görkezilen döwürde raýatlardan resminama tabşyrmak we konsullyk hyzmatlaryny almak üçin giň mümkinçilikler döredilýär.**

# "Reuters": Ak Tam "TikTok" sosial ulgamynda resmi akkaunt açdy

**ABŞ-nyň Prezidentiniň Administrasiýasynyň resmi akkaunty "TikTok" sosial ulgamynda peýda boldy. Bu barada "Reuters" agentligi habar berdi.**




**Maglumata görä, "@whitehouse" atly akkaunt açyldy. Bu akkauntda Ilkinji çap edilen beýanat Donald Trampyň üstünliklerine bagyşlanan 27 sekuntlyk wideo ýazgy boldy.**

**"Newsweek" žurnalyň habaryna görä, wideo ýazgy ilkinji sagadyň dowamynda 7,5 müňden gowrak "like" we 500 teswir alypdyr. "TASS" habarlar gullugynyň habarçysynyň anyklamagyna görä, 20-nji awgust güni irden Ak Tamyň akkauntynda 63,5 müňden gowrak abunaçy bolupdyr, şol wagta çenli ýerleşdirilen üç wideo ýazgy jemi 102,1 müňden gowrak "like" gazanypdyr. Ilkinji wideo bolsa 44,5 müň "like" we 12,6 müň teswir toplapdyr.**

# Döwletjan Ýagşymyradow amerikaly Kori Anderson bilen tutluşyga çykar

**Ýarym agyr agram derejesinde PFL ligasynyň häzirki çempiony, türkmenistanly türgen Döwletjan Ýagşymyradow nobatdaky tutluşygyna çykar.**

**Söweş sungaty dünýäsinde ajaýyp waka Birleşen Arap Emirliklerinde bolar. Garyşyk söweş sungaty boýunça tejribeli türgen Döwletjan Ýagşymyradow amerikaly Kori Andersona garşy göreşer.**




**Bu tutluşyk 2025-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda "PFL – Professional Fighting Championship" ýaryşynyň çäklerinde bolar. Dubaý şäherinde geçiriljek bu tutluşyk MMA janköýerine uly gyzyklanma döreder.**

**Şol gün geçirijek ýaryşyň çäklerinde iki sany güýçli türgenler – Döwletjan Ýagşymyradow bilen Kori Andersonyň tutluşygy gijeniň esasy sport wakasy bolar.**

**Mälim bolşy ýaly, 2024-nji ýylyň 29-njy noýabrdan 30-njy noýabra geçilen gije Saud Arabystanynyň Er-Riýad şäherinde "PFL 2024" garyşyk söweş sungaty ýaryşynyň final tutluşyklary geçirilipdi. Şol ýaryşlaryň birinde Döwletjan Ýagşymyradow bilen Impa Kasanganaý duşuşygy bolupdy. Tutluşyk ýarym agyr agramda geçirildi we ildeşimiz Döwletjan Ýagşymyradow ýeňiş gazandy hem-de çempionlyk guşagyna eýe bolupdy.**

# Täze serhetara syýahatçylyk ugry birleşdirer

Täze serhetara syýahatçylyk halkasy işlenip düzülip, ol Türkmenistany, Özbegistany (Horezm, Garagalpagystan) we Gazagystany öz içine alýar diýip, özbek metbugaty habar berýär. Bu ugur Merkezi Aziýanyň dört sebitini birleşdirýär we syýahatçylara dürli medeni-maglumat maksatnamasynyň hödürlenilmegini üpjün edýär. Ony düzmek bilen Özbegistanyň Syýahatçylyk komiteti degişli guramalar we hususy pudak bilen bilelikde meşgullanyp, logistika we beýleki ugurlara aýratyn üns berdiler.



Syýahatçylara dürli ugurlar hödürlenýär: milli tagamlary dadyp görmek bilen gastronomik syýahatçylyk, tebigatyň özboluşly gözelligini görkezýän ekologiýa syýahaty, däp-dessurlara we hünärmentçilige aralaşmaga mümkinçilik berýän etnografik syýahatçylyk, şeýle hem mukaddes ýerler we taryhy-medeni ýadygärlikler bilen tanyşdyrýan syýahatçylyk.

Bu ugruň çäginde ÝUNESKO-nyň dünýä mirasynyň 15-den gowrak desgasy we milli ähmiýetli ýadygärlikler ýerleşýär, şolaryň arasynda:

**Türkmenistan:** gadymy Merw, "Derweze" gaz krateti, Köneürgenç;

**Özbegistan – Horezm:** Içan-gala we Daşan-gala;

**Garagalpagystan:** I. W. Savitskiý adyndaky Döwlet muzeýi, Gyzyl-gala, Çilpyk-gala, Sulton Uwaýs Bobo, Toprak-gala, Aýaz-gala;

**Gazagystan:** Toryş jülgesi, Bozjyra jülgesi, Şakpak-Ata kümmeti, Şerkala dagy.

Täze ýol Merkezi Aziýanyň baý medeni, taryhy we tebigy mirasy bilen tanyşmak üçin özboluşly mümkinçilikler açýar. Ol syýahatçylara we köpçülikleýin toparlara-da niýetlenendir hem-de sebitde medeni we syýahatçylyk alyş-çalşygyny güýçlendirmäge gönükdirilendir.

# Futbolda täze rekord

**Braziliýanyň "Fluminense" toparynyň derwezeçisi Fabio Lopes professional futbolçylaryň arasynda iň köp duşuşyga gatnaşan futbolçy hökmünde rekord goýdy.**

**Fabio Kolumbiýanyň "América de Cali" toparyna garşy Günorta Amerikanyň kubogynyň 1/8 final duşuşygynyň ahyryna çenli toparynyň derwezesini gorady. "Fluminense" bu duşuşykda 2:0 hasabynda ýeňiş gazandy.**



**Bu oýun Fabionyň karýerasynda 1391-nji duşuşygy boldy. Şu görkezijisi boýunça braziliýaly öňki Angliýanyň milli ýygyndysynyň derwezeçisi Piter Şiltondan (1390) öňe geçdi. Şilton 1966-njy ýyldan 1997-nji ýyla çenli professional derejede çykyş edipdi.**

**Fabio häzir 44 ýaşynda. Ol 1997-nji ýylda karýerasyna başlady. 2000-nji ýylda "Wasko da Gama" bilen, 2013-nji we 2014-nji ýyllarda bolsa "Kruzeiro" bilen Braziliýanyň üç gezek çempiony boldy.**

**"Fluminense" toparynda 2022-nji ýyldan bäri çykyş edýär. 2023-nji ýylda Günorta Amerikanyň futbolynyň esasy klub ýaryşy bolan "Libertadores Kubogynyň" ýeňijisi boldy. 2004-nji ýylda Braziliýanyň milli ýygyndysy bilen Amerika Kubogyny gazandy.**

# Russiýa bilen Iordaniýa syýahatçylar üçin wiza düzgünini ýatyrdy

Russiýanyň daşary işler ministri Sergeý Lawrow bilen Iordaniýanyň Premýer-ministriniň orunbasary Aýman as-Safadi iki ýurduň raýatlary üçin wizadan boşatmak baradaky ylalaşyga gol çekdiler. Bu barada "TASS" habarlar gullugy habar berýär.



Resminama syýahatçylaryň 30 günden köp bolmadyk möhlet bilen wizasyz sapar etmegine rugsat berýär, şonda şeýle bolmagyň umumy möhleti bir ýylyň dowamynda 90 günden geçmeli däldir.

Häzirki wagtda rus raýatlary Iordaniýa gelip, howa menzilinde bir aýa çenli möhlet bilen wiza alyp bilerler, onuň bahasy 40 dinar (takmynan 56 amerikan dollary). Mundan ozal Iordaniýanyň Ministrler geňeşi «iki-taraplaýyn hyzmatdaşlygy berkitmegiň çäklerinde» Russiýa bilen syýahatçylar üçin wizalaryň özara ýatyrylmagy baradaky ylalaşygy makullapdy. Ylalaşyk taslamasyny Russiýanyň Hökümetiniň Başlygy Mihail Mişustin tarapyndan bahar paslynda tassyklanypdy.